***Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň özara hyzmatdaşlygyny ösdürmek hem-de işjeňleşdirmek häzirki günüň wajyp wezipesidir. Bu wezipäni üstünlikli çözmek bolsa, ilkinji nobatda, sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmek bilen bagly netijeli gurallary işläp taýýarlamagy we durmuşa ornaşdyrmagy talap edýär. Şu meselelerdir zerurlyklar dogrusynda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygynda giňişleýin durlup, hususan-da, hormatly Prezidentimiz tarapyndan möhüm teklipler öňe sürüldi.***

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň 2025-nji ýylyň 16-17-nji noýabrynda Özbegistana amala aşyran döwlet saparynyň sebit ýurtlarynyň Baştutanlarynyň nobatdaky ýokary derejeli duşuşygyna gabat gelmegi ony mazmun taýdan has-da baýlaşdyrýar. Daşkent şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygynyň gün tertibi döwletara hyzmatdaşlygyň giň ugurlaryny, şol sanda sebitde netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak, möhüm halkara we sebit meseleleri boýunça pikir alyşmalary öz içine aldy.

Mundan başga-da, sammitiň çäklerinde sebit hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmäge gönükdirilen ugurdaş çäreleriň birnäçesi guraldy. Azerbaýjan Respublikasynyň hem ilkinji gezek şu formata doly hukukly agza hökmünde goşulyşmagy Daşkent duşuşygynyň esasy aýratynlygydyr. Mälim bolşy ýaly, 2025-nji ýylyň 5-nji awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň duşuşygynda türkmen halkynyň Milli Lideri hyzmatdaşlygyň şu formatyna Azerbaýjanyň goşulyşmagy bilen bagly başlangyjy öňe sürdi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň 2026-njy ýylda täze — «Merkezi Aziýa we Azerbaýjan» formatynda geçiriljek döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynda başlyklygy kabul etdi. Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygynyň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama, şeýle hem birnäçe resminamalara gol çekildi.

Ýeri gelende, özbek tarapynyň nobatdaky duşuşygy guramaçylykly geçirmek üçin ýokary derejede taýýarlyk görendigini nygtamak gerek. Özbegistanyň bu formatda başlyklyk etmeginiň çäklerinde özara gatnaşyklaryň dürli ugurlaryna degişli iri çäreleriň 20-den gowragy geçirildi. Şu gezekki sammitde öňe sürlen başlangyçlar sebitiň döwletleriniň sazlaşykly we netijeli hyzmatdaşlygyna oňyn täsir eder.

**Göwher SÖÝÜNMÄMMEDOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026

**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.**

Все права защищены